# Bäş dürli başga planetaly gumanoidler

Category: Edebi makalalar,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Bäş dürli başga planetaly gumanoidler Bäş dürli başga planetaly gumanoidler

Resmi görnüşde aýdylanda heniz gumanoidleriñ barlygyny subut etmek mümkin däl bolsa gerek. Sebäbi köpçülikleýin habar beriş serişdeleri şolar ýaly wakalary görkezilse halk dowla düşer diýen howsalada bolýan bolsalar gerek. Ýöne dünýäde we türkmen dünýämizde uçýan jisimlere degişli maglumatlar soñky XIX-XX asyra gadam basylanda köpelip başlandy.
Aslynda biz integem bu töwerekdäki ýeketäk janly görnüşdigimizi aýdar ýaly hem maglumata duş gelmedik. Bu diýildigi intek biz Älemde ýeke täk däl diýdigimizdir. Köp ýyllardan bäri UNO teoriýasyndakylar müñlerçe wideo ýazgylary we fotograflar bilen gumanoidleriñ barlygyny subut etmäge çalyşdy. Hatda käbir alymlar, ýazyjylar hem bu teoriýalary gollap göterdiler. Käbir UNO alymlaryna görä aramyza garyşan we dünýämizi häkimýet astyna geçirmek isleýän bäş görnüşli gumanoid bardyr.
1.
Sirian
Sirian nesli, antik çaglarda Müsür we onuñ töwereklerindäki döwlet adamlaryna ylym bermek bilen maglumat bermekde borçly bolan antik bir barlyk bolandygyna ynanylýar. Olar Maýýalylara-da ylham berendigi çak edilýär.
2.
Gri (Greý)
Griler şübhesiz iñ populýar gumanoid halky. Adamlaryñ başga planetalara gitmeklerine şolar sebäpkär diýilen gürrüñler bar. Şaýatlar olary giñ kiçi ýapyşyk kelleli we iri gap-gara gözli diýip suratlandyrýarlar. Telepatik görnüşli baglanyşyk gurnaýarlar we hökümetler bilen şertnama baglanyşýandyklary

çak edilýär. Bolmasa XX-XXI asyrlaryň ösüşi adamzadyň ösüşimikä?

3.

Uzyn Gri

Görnüşi Greýlere meňzeş, özleri uzyn griler. Uzyn griler uzyn boýlary bilen tanalýarlar. Olar gaty fiziki güýçde bolýarlar.

Bu görnüşli gumanoidler öz ömürlerini peýdasyz geçirýärler.Uzyn griler Orion ýyldyzlar toplumyndan gelýärler diýip çak edilýär, özlerem Gileriň hakyna tutma esgerleri diýlip hasap edilýär.

Çünki griler döwletler bilen gatnaşyk saklajak bolanlarynda hemişe kozer bolýar ekenler. Özleri ýalňyşlyk goýberseler öz-özlerini ýok etmekden hiç çekinenoklar.

Ýöne gysga Griler we Uzyn griler arasyndaky baglanyşyk näbelli sebäbe görä ýitirim bolana meňzeýän ýaly. Käbir UNO gözlegçileri planetalaryň gutarnykly ölendigini we indi ýeketäk »Häkimýet» boljak bolýandygyny aýdýarlar.

4.

Zeta Retikulmus (Zeta Reticulmus)

Zeta Retikulmus diýlip atlandyrylan bu gumanoidler hakda sözme-söz terjimesi keseki Zeta Reticuli sisteminden gelýärler we UNO gözegçileri arasynda kaşifler diýip atlandyrylýar. Umumy görnüşi 150 santimetrden gysgadyrlar. Türün, Apeks (Apex) diýilýän bir planetadan gelýändikleri öňe sürülýär.

Gepiň gysgasy bu planeta Ýere meňzeş diýlip görkezilýär. Ýöne näbelli sebäplere görä partlap, ýaşaýyş şertleriň ýok bolmagyna getiripdir we şondan soň ýer asty ýaşaýyş güllemäge başlapdyr.

Bu gumanoidler adamlary alyp gaçyp, şoňa meňzeşini kopýalap gezer ýaly edýän gumanoidlerdir. Klonlyk bilen işlemäge ökdedirler.

5.

Süýrenijilere meňzeş gumanoidler.

Iki aýak üstünde gezmeläp bilýän ýaşyl görnüşli, güýçli endamynyň ysy we ha uly gözleri bilen ünsi çekýärler. Adamlar bilen bolan gatnaşyklarynyň müňlerçe ýyl öň bolup geçendigine

ynanylýar. Dünýäniñ dört tarapynda ýaşaýan adamlar bilen süýrenijileriñ arasyndaky duşmançylyk şondan gaýdan bolsa gerek. Rowaýatlara görä adamzadyñ bar bolan wagtyndan bäri şu ýerde diýlip hasap edilýär.

Internet sahypalaryndan peýdalanylan salgylar:

1. http://www.webtekno.com/dunyamiza-hakim-olmak-icin-savasan-5-uzayli-tur-h26342.html

2. http://www.ewao.com/a/5-alien-species-struggling-dominate-earth Edebi makalalar